# Halkara Zenanlar güni haýsy ýurtda nähili bellenýär?

Category: Edebi makalalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Halkara Zenanlar güni haýsy ýurtda nähili bellenýär? HALKARA ZENANLAR GÜNI HAÝSY ÝURTDA NÄHILI BELLENÝÄR?




*Perunyñ paýtagty Limada demonstrasiýa gatnaşan aýallar*
8-nji mart – Halkara Zenanlar güni bütin dünýäde bellenilýär we adamlar zenan hak-hukuklarynyñ hem-de gyradeñligiñ ilerlemegini goldamak üçin bir ýere jemlenýär.
Günüñ özi dünýä boýunça alanda aýal-gyzlaryñ güýçlenmegine gönükdirilen anyk ugra eýe bolansoñ, ykrar etme we gutlama görnüşi her ýurtda birhili.
Meselem käbir edara-kärhanalar ýarym günlük dynç berseler, käbirlerinde adamlar biri-birlerine gül berip gutlaýarlar.
Halkara Zenanlar gününiniñ dünýäniñ dürli ýerinde dürli-dürli

bellenilişini bilmek üçin makalanyñ yzyny okamaga bilelikde dowam edeliñ.

- **Amerikanyñ Birleşen Ştatlary**

ABŞ-da tutuş mart aýy taryhy zenan aýydyr. Bu, Prezident Jimmi Karter 1980-nji ýyluñ fewralynda 8-nji mart hepdesini Döwlet Zenanlar taryhy hepdesi diýip yglan eden wagtyndan bäri şeýle. Birküç ýylyñ içinde ýurtda müñlerçe mekdep Döwlet Zenanlar taryhy bileleşiginiñ başyny çeken baýramçylyk hepdesini synplarda deñligi üpjün etmegiñ ýoly hökmünde synag etdi. Aýal-gyzlaryñ güýçlenmegini goldamak üçin çäreleri we ýörite programmalary gurnaýan şäher geñeşleri hem-de merler tarapyndanam goldaw tapdy.
Baýramçylygyñ gerimi giñedi we 1986-njy ýylda on dört ştat baýramçylygy tutuş bir aýlap belledi.
Häzir her ýyl Halkara Zenanlar gününde ABŞ-nyñ Prezidentiniñ goly bilen amerikan aýal-gyzlarynyñ ýeten üstünliklerini şöhratlandyrmak üçin Prezident deklarasiýasy diýilýän resmi gutlag beýannamasy çap edilýär.

- **Italiýa**

Italiýada Halkara Zenanlar gününe «La Festa della Donna» diýilýär. Baýramçylykda esasan sary mimoza gülleri sowgat edilýär. Günüñ dowamynda ýurduñ şäherleriniñ hemme köçesinde gün şöhlesiniñ reñkinde gül desseleri satylýar, munuñ añyrsynda adamlaryñ ýakyn aýallaryna zenan güýjüniñ we duýgurlygynyñ simwoly hasaplanýan bu gülleri berip, olary begendirmek pikiri bar.
Şeýle gül tort önümlerinde-de gabat gelýär. Käbir italýanlar Halkara Zenanlar gününi kiçeñräk mimoza güllerine meñzeş şekilde taýýarlanan ýörite tort taýýarladyp gutlamagy makul bilýär. Däbe öwrülen bu asylly ýörelge sitrus likýory we güle meñzeş şekilde kremlenen pandispaniýa bilen bellenende hasam ýakymly bolýar.

- **Hytaý**

Hytaýda 8-nji mart 1949-njy ýyldan bäri döwlet derejesinde bellenýän baýramçylyk. Halkara Zenanlar gününde birnäçe edara-kärhana aýal-gyz işgärlerine günortandan soñ baýramçylygy bellemekleri üçin ýarym gün rugsat berýär.
Hytaýda Halkara Zenanlar güni edil Walentina gününde bolşy ýaly adamlaryñ söýýän aýal-gyzlaryna ýörite sowgatlary berip, biri-birlerine hasam ýakynlaşmagyna sebäp bolýan günleriñ biri hasaplanýar.
Şol sebäpli birnäçe firma bu güni söwda mümkinçiligine öwürdi we adamlaryñ ýakyn aýallaryna pul sowmak ähtimallygyny girdejä öwrüp, Halkara Zenanlar gününe ýörite ýarmarkalary we arzanlaşyklary gurnaýarlar.
Hytaýda şeýle hem 7-nji martda mekdeplerde ýokary okuw jaýlarynda hytaýly ýaş gyzlaryñ gazanan üstünlikleruni goldamaga niýetlenen Gyzlar güni hem baýram edilýär.

- **Berlin**

2019-njy ýylyñ 24-nji oktýabrynda Berlin parlamenti «Frauentag» diýilýän Halkara Zenanlar gününiñ dynç güni bolmagy üçin ses berdi.
Bu çäre ýurtda bu güni dynç güni diýip yglan eden ýeke-täk oblast bolan Germaniýanyñ paýtagtynda işleýänleriñ rugsatly boljakdygyny añladýar.

- **Birleşen Korollyk**

Birleşen Korollykda Halkara Zenanlar güni dürli görnüşlerde bellenýär we hususanam aýal-gyzlara täsir edýän sosial-syýasy meseleler boýunça tapawutlylyk döretmäge üns berilýär.
Şu ýyl Halkara Zenanlar gününiñ şanyna ýurt derejesinde geçirilen çäreleriñ arasynda çeper panel çykyşlary, görkezişler we sungat sergileri ýer alýar, bularyñ köpüsi zenan hak-hukuklaryna gönükdirilen haýyr-sahawat guramalaryna pul geçirmegi göz öñüne tutýar.
Geçmişde moda markalary Halkara Zenanlar gününde geýmek üçin ýörite eşikleri satyp, pul toplamak üçin zenanlaryñ haýyr-sahawat guramalary bilen bile işleşipdi.

- **Ispaniýa**

2018-nji ýylda 5 milliondan gowrak zenan işçu Halkara Zenanlar gününi jynsparazlyga esaslanýan hak-heşdek deňsizligini, maşgala arasynda zorluk-sütemi we iş ýerinde jynsy deňsizligi protest etmek üçin öwrülişik sepgidi hasaplap boljak 24 sagatlyk iş taşlaýyş bilen gutlapdy.
Ýurtda 200-den gowrak ýerde mitingler geçirilipdi. Gatnaşyjylar çäräni guraýjylar tarapyndan şol gün pul sowmazlyga we haýsydyt bir öý işini etmezlige çagyrylypdy.
2019-njy ýylda «The 8M Commission» (8M Komissiýasy) feminist guramasy tarapyndanam şuňa meňzeş protestler bolup geçipdi.




Oliwiýa PETTER,
@oliviapetter1
08.03.2021 ý. Edebi makalalar